# Göwnüne deglen / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Göwnüne deglen / satiriki hekaýa GÖWNÜNE DEGLEN

Goňşym Pälwan paňk öňki işini halaman, başga edara geçdi. Täze wezipäni bolsa oňaryp ýuwdy. Myhmanlaryny ugradyp, keýpi kök halda ol meniň ýanyma oturmaga geldi. Pälwan pakgarmany, öwünip, uludan gürlemäni halaýar. Ol meniň öýüme gelen mahaly meniňem myhmanym bardy. Ýaňygala obasyndan gelen ýaşuly otyrdy. Goňşym Pälwanyň gözlerini keteniniň ýyrtygy ýaly gyzardyp gelmesi, oturyp-oturman paňkarmasy ýaşula ýaramady öýdýän.
– Han ogul, sen tüweleme gaty dilewar görünýäň, mugallym-ha dälsiň-dä?! – diýip, ýaşuly meniň goňşyma ýüzlendi. Pälwanyň bolsa ýeňse damary ekskowatoryň trosy ýaly gatady. Sebäbi goňşym okuw diýen zady ýek ýigrenýär. Ol birinji klasy hem gaýybana gutardy diýsek ýalňyş bolmasa gerek. «Wedomosta gol çekip, kesgitli aýlyga daňylan günüm meniň barmaklarymy çataýyň» diýip, Pälwan hemişe paňkaryp gürlärdi.
Hawa, onsoň ýaňky ýaşulynyň sowalyna Pälwan şeýle jogap berdi.
– Ýaşuly, düşün, eger men mugallym bolan bolsam, Amyderýanyň köprüsiniň üstünden başşak suwa oklap, gark bolup öläýerin.
Ýaşuly bu jogaba bir geňsi boldy. Emma syr bildirmedi.
– Bagyşla, han ogul. Eger sen mugallym bolmasaň, megerem, lektorsyň?!
– Ýaşuly, eger men lektor bolsam, onda Kaspi deňzi näme işleýär. Krasnowodskä baraga-da, Bakuwa gitjek diýen kişi bolup, parahoda bilet alaryn. Şeýdibem ugraryn. Parahod Kaspi deňziniň orta çenine, iň çuň ýerine ýeterem weli, ýüzümi garaňka tutup, başşak jülp ederin. Gündiz gark boljak bolsaň adamlar görüp, halas edýärler – diýip, Pälwan paňk çyny bilen aýtdy.
– Be, çen edişim ýaly bolmad-ow. Ýalňyşmasam, sen žurnalistsiň

– diýip, ýaşuly müýnürgedi. Şondan soň Pälwan pañk gap-gaç goýulýan böwürdäki suwly bedrä elini uzadyp:
– Ýaşuly, arkaýyn bolaý, eger men žurnalist bolsam hol suwly bedre oýnamaga goýlandyr öýdýäñmi – diýdi. – Kellämi suw sokaga-da kaput bolaýaryn.
Pälwan pañk şeýle diýip, ýerinde turdy-da, suwly bedrä tarap entirekläp ugrady. Ýaşuly howpurgap başlady.
– Men gideýin, hoş, sag oturyñ – diýip, myhmanym köwşüni geýmäge durdy.
– Mommy aga, otursana – diýdim. Myhmanym:
– Aý, men gaýdaýyn, otüki, bu ýigidiñ ganyna bir galmaýyn – diýip, Mommy aga zut göterdi ökjäni.
– Dogry-da, walla, mugallymmyñ, lektormyñ, žurnalistmiñ diýip, adamyñ göwnüne degýär – diýip, Pälwan pañk hüñürdedi. Onuñ ýaşulydan nägile bolmaga haky bardy. Çünki Pälwan pañk düşewündi az diýip, etçilik kärini taşlap, awtozaprawka stansiýasyna geçipdi.

Gurbangylyç HYDYROW. Satiriki hekaýalar